# Eşek süýdi – müñ bir derdiñ dermany

Category: Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eşek süýdi – müñ bir derdiñ dermany EŞEK SÜÝDI – MÜÑ BIR DERDIÑ DERMANY




Ýakynda şahsy poçtama bir “reklama-mail” gaýyp düşdi. Onda bir krem mahabatlandyrylýardy. Ýazylanlara görä, bu krem derini tegmilsiz hala getirýärmiş, aýak gribogynyñ, kesmeklemegiñ we dyrnak batmagynyñ öñüni alýarmyş. Esasy ünsümi çeken zat kremiñ eşek süýdünden edilenligidi.
Soñ bir gün gazetleriñ birinde bazarda eşek süýdünden ýasalan sabynyñ satylýandygy baradaky habary okadym!
Eşek süýdüniñ ene süýdi deý iýmitlendiriji, käbir keselleri bejeriji aýratynlyklarynyñ bardygyny öñem bilmän duramokdym, emma omuñ adamy görmegeýleşdirýandigini birinji gezek eşidýärdim. Eşek süýdüniñ bu aýratynlygyny biz bilmesegem, aýal-gyzlar gadymy döwürlerden bäri muny bilýän ekenler. Mysal üçin, b.e.öñki 69-njy ýyllarda ýaşap geçen müsür melikesi Kleopatra muny iñ gowy bilýänlerden biri eken.
Kleopatra ýygy-ýygydan süýde suwa düşüpdir. Ol bu süýdi üpjün etmek üçin 700 eşek saklapdyr. Kleopatranyñ ulanýan eşek süýdüniñ “turşadylan süýtdügi” öñe sürlüpdir. Bu pikiri orta atýanlar süýtdäki şeker laktozunyñ bakteriýalar tarapyndan

laktik asetona öwrülýändigini, emele gelen turşy süýdüňem “derini ýylpyldadýandygyny” nygtapdyrlar.
Kleopatranyň eşek süýdüne bolan ýakynlygyna güwä geçip biljek haýsydyr bir taryhy subutnama ýogam bolsa, Rim imperatory Neronuň ikinji aýaly Poppeýa Sabinanyň eşek süýdüne suwa düşýändigi barada ýazgylar saklanyp galypdyr. Bu maglumatlara görä, melike süýde suwa düşmek bilen bir hatarda, her gün irden ýüzüni-de eşek süýdi bilen ýuwupdyr.
Rimli taryhçy Gaý Pliniý Sekundyň ýazmagyna görä, Rim melikesine eşek süýdüniň “derini kesellerden we owadanlygyň bozulmagyndan goraýan jadyly tilsimdigi” aýdylypdyr..
Eşek süýdüniň jadysyna ynanýan ýeke-täk kişi melike bolmandyr. B.e.öňki 48-17-nji ýyllarda ýaşap geçen imperator Klawdiý I-niň aýaly Waleriýa Messalina ýüzüne eşegiň süýdi garylyp bişirilen çörekden ýasalan gözellik maskasyny dakyp gezipdir.
Rimli taryhçy we tebigatşynas Gaý Pliniý “Tebigatyň taryhy” eserinde eşek süýdüniň peýdaly taraplaryny sanapdyr: «Eşek süýdi gowşan dişleri bekedýär, zäheriň täsirini zym-zyýat edýär, gözdäki ýarawsyzlygyň yzyny sylyp-süpürip aýyrýar.”
Eşek süýdüne janköýerlerden ýene biri medisina ylmynyň atasy hasaplanýan Gippokratdyr. B.e.öňki 460-370-nji ýyllarda ýaşan Gippokrat gyzgynlygyň galmagy, burun ganamagy, infeksiýalar, garabagyr näsazlyklary, otek, zäherlenme we ýaralanma ýaly ýagdaýlara garşy eşek süýdüni maslahat beripdir.
Alymlar eşek süýdüniň bejeriji häsiýetiniň ondaky laktoza derejesiniň ýokarydygyndan gelip çykýandygyny aýdýarlar. Ýagny, eşek süýdi ene süýdi ýaly iýmitlendiriji witaminlere diýseň baýdyr.
Hindistanyň käbir ýerlerinde täze dünýä inen çagalara häli-häzirlerem eşek süýdi berilýär. Eşek süýdüniň çaganyň immunitetini güýçlendirýändigine we sesini ýakymlylaşdyrýandygyna ynanylýar.
Rim papasy Fransisk çagalygynda ene süýdüniň gapdalyndan eşegiň süýdüni-de içendigini aýtmagy ähli ünsi muňa gönükdirdi.
Rim papasy Fransisk çagalygynda ene süýdi bilen bile eşek süýdündenem ýetdik paýyny alandygy barada aýtmagy, ähli ünsi muňa gönükdirdi.
Eşek süýdünden haraý gözleýänleriň sany mundan soň hasam artdy.
Ýewropanyň birnäçe şäherinde eşek fermalary gurlup başlandy.

Eşek süýdünden pul gazanmaga başlanlaryñ sany barha artýar. Bu esasanam Kipr Rum sebtindäki telekeçilere bähbitli boldy. Dünýä meşhur kipr eşekleriniñ üsti ýewropaly telekeçilerden ýaña «gyzyl el». Şeýle-de, günde üç litr süýt berýän Sisiliýanyñ eşeklerine-de hyrydar köpelýär. Italiýanyñ 780 eşek fermasynda sisiliýa eşekleri saklanýar.
Eşek süýdüni tapmak añsat däl. Çünki ol diýseñ gymmat. Bir eşekden bary-ýogy 1-3 litr aralygynda süýt sagylýandygy üçin ony öndürmek añsat düşenok. Italiýada we Serbiýada eşek peýniriniñ bir kilogramy 1000 eurodan satylýar. Bahanyñ şular ýaly gymmat bolmagynyñ sebäbi-de, 100 kg süýtden bary-ýogy 1 kg peýnir alyp bolýanlygydyr.
Şweýsariýada we Italiýada käbir firmalar eşek süýdüniñ külkesini öndürmek üçin ummasyz maýa goýumlaryny goýýarlar. Işewürler eşek süýdüniñ külkesiniñ çagalary iýmitlendirmekde we kosmetika önümçiliginde has giñden ulanylyp başlanjakdygyny öñe sürýärler.
Geleliñ bize. Bilşiñiz ýaly, gözleriniñ owadanlygyny hasaba almanyñda, eşek bizde onçakly halanyp barlanok. Iñ paýyş sözlerimizi o görgülileriñ üstünden eñterýäris. Birine sögünjek bolsagam, sözümizi eşek bilen başlaýarys. Biri sözüñizi diñlemedik wagtam “haýt, eşegataly” diýip hüñürdeýäris.
Haýsydyr bir gowy zadyñ gadryny bilmeýänlere-de köplenç “gadyr bilmeýän eşek” diýilýändir. Biriniñ akmaklygyny ýañzytmak üçin «eşekkele» diýilýär. Erbet ýagdaýa düşene “eşekden ýykylana döndi” diýip ýañsylaýarys. Mundan beter zatlaram aýdýarys, ýöne bärde hemmesini birden sanamak mümkin däl.
Ýogsa-da eşek süýdüniñ şular ýaly peýdaly bolmagy, Günbatar dünýäsiniñ munuñ üçin ummasyz maýa goýumlarynyñ goýulmagy, bu nerkes gözli janawere bolan biziñ garaýşymyzy özgerdip bilermikä?
Maýa goýumlaryna göz aýlanyñda, Türkiýede-de eşek janawer kem-kemden arzylanyp başlanjaga meñzeýär. Mysal üçin, stambully üç şärikdeş telekeçi Tirede 24 gektar ýere «Eşek fermasyny» gurupdyrlar. Eşekleriñ aññyrmagyndan hiç kim biynjalyk bolmasyn diýibem, fermany ilatly nokatdan uzagrakda gurmagy ýatdan çykarmandyrlar. Häzirlikçe olaryñ altmyş eşegi bar. Telekeçiler soñky ýyllarda eşegiñ bahasynyñ barha galýandygyny aýdýarlar. Öñler hiç kimiñ ýüzüne seretmeýän bu janawerleriñ birine häzir 2.500 lira nyrh kesilýär.

Bursanyñ Orhaneli ilçesinde-de 24 eşekli ferma işe başlapdyr. Fermanyñ hojaýynlary süýde gelýän buýurmalara ýetişmeýändiklerden zeýrenýärler.
Türkiýedäki iñ uly eşek fermasy bolsa Kyrklarelinde açylypdyr. Fermada häzirlikçe 230 eşek bar diýýärler. Fermerler eşeklere edilýän aýlyk çykdajynyñ 20 müñ lira barabardygyny aýdýarlar. Fermada täze süýt satuwy bilen birlikde eşek süýdüniñ külkesini öndürmek işini-de ýola goýmagy göz öñüne tutýarlar.
Fermerler süýt külkesiniñ 100 gramynyñ 200 liradan satuwa çykaryljakdygyny aýdýarlar.
Uzyn gepiñ gysgasy, süýdünden saglyk sepeleýän eşekleriñ ýakyn gelejegiñ iñ arzyly haýwanlarynyñ arasyna girjek günleri daşda däl. Şu aýdanymy ýatda saklañ.
Mehmet YAŞIN.

«SÖZCÜ» gazeti, 18.11.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Medisina